taslamalaryny uzak möhletli karz serişdeleri bilen üpjün etmek, ykdysadyýetiň önümçilik pudagyna içerki we daşarky maýa goýumlaryny çekmäge ýardam bermek maksady bilen, **karar edýärin:**

1. Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankyny döretmeli.

2. Durnuklaşdyryş gaznasynyň serişdeleriniň hasabyna amala aşyrylýan maýa goýum taslamalary boýunça döwletiň maliýe wekili hökmünde Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň üstüne eýeçiliginiň görnüşine garamazdan kärhanalaryň we hususy telekeçileriň önümçiligi ösdürmek, döwrebaplaşdyrmak, täze iş ýerlerini döretmek bilen bagly taslamalaryna ýeňillikli karzlary bermek wezipelerini ýüklemeli.

3. Türkmenistanyň Merkezi banky Türkmenistanyň Adalat ministrligi bilen bilelikde Türkmenistanyň Döwlet ösüş bankynyň Tertipnamasynyň taslamasyny bir aý möhletde taýýarlamaly we Türkmenistanyň Ministrler Kabinetine bermeli.

4. Şu Permanyň ýerine ýetirilişine Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň Orunbasary A. Goçyýew, Türkmenistanyň Maliýe ministri D. Sadykow, Türkmenistanyň Adalat ministri M. Garryýew, Türkmenistanyň Merkezi bankynyň müdiriýetiniň başlygy T. Japarow we Türkmenistanyň Ýokary gözegçilik edarasynyň başlygy B. Atdaýew gözegçilik etmeli.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 09-y.*
*№ PP-5854*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1506 Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän harby gullukçylary Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden, beýleki goşunlaryndan harby gullukdan boşatmak we Türkmenistanyň raýatlarynyň harby gulluga nobatdaky çagyrylyşy hakynda

Türkmenistanyň Konstitusiýasyna hem-de «Harby borçlulyk we harby gulluk hakyndaky» Türkmenistanyň Kanunyna laýyklykda, **karar edýärin:**

1. Çagyryş boýunça harby gullugy geçýän, kanunda bellenen möhletleri gulluk eden harby gullukçylary 2011-nji ýylyň oktýabr-dekabr aýlarynda Türkmenistanyň Ýaragly Güýçlerinden, beýleki goşunlaryndan harby gullukdan boşatmaly.



2. Çagyryş gününe çenli 18 ýaşy dolan, çagyryşdan gaýra goýmaga hukugy bolmadyk Türkmenistanyň erkek raýatlaryny, harby gulluga çagyryşdan gaýra goýmaga hukugyny ýitiren uly ýaşly raýatlary 2011-nji ýylyň oktýabr-dekabr aýlarynda harby gulluga çagyrmaly.

3. Şu Perman çap edilen pursadyndan güýje girýär.

**Türkmenistanyň Prezidenti, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 18-i.*
*№ PP-5855*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1507 Çarygulyýew M. hakynda

**Çarygulyýew Musagulyny**, işde goýberen kemçilikleri we özüne ynanylan wezipäni oňarmandygy üçin, Ahal welaýatynyň Kaka etrabynyň häkimi wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 21-i.*
*№ PP-5856*

* * *

## TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ PERMANY

### 1508 K. Ö. Çaryýardurdyýew hakynda

Türkmenistanyň Prezidentiniň Metbugat sekretary **Kakageldi Öwezgeldiýewiç Çaryýardurdyýewi** «Türkmenistanyň Prezidentiniň Metbugat çapary» gazetiniň baş redaktory wezipesinden boşatmaly.

**Türkmenistanyň Prezidenti** — **Gurbanguly Berdimuhamedow**

*Aşgabat ş., 2011 ý. sentýabr aýynyň 26-sy.*
*№ PP-5857*